Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# 8.Söz

**136-njy gönükme.** Hekaýajygy okaň we munda näçe söz bardygyny aýdyp beriň.

## Seýilgäh.

Biz ejem bilen şähere gezelenje çykdyk. Eziz Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýolbaşçylygynda döredilen seýilgähe bardyk.

Onuň hemme ýeri arassa. Suw çüwdürimleri işläp dur. Dynç alar ýaly oturgyçlar köp. Biz ol ýerde oňat dynç aldyk. Ol ýeriň howasy jana derman.

**Söz seslerden emele gelýär we özbasdak many aňladýar.**

**Meselem:** *mugallym, oglan, gul.*

**137-nji gönükme.** Aşakdakylary okaň we göçüriň. Her bir sözüň nähili many aňladýandygyna üns beriň.

Men bu gün sagat ýedide turdum. Gije ýagyş ýagypdyr.

Arassa howa. Guşlaryň sesi eşidilýär. Olar orän şadyýan.

| | |
|---|---|
| gije | arassa |

**138-nji gönükme.** Suratlaryň adyny aňladýan sözleri depderiňize ýazyň we soraglara dilden jogap beriň:

Türkmen kitaplar.com






1.Her sözde näçe we haýsy sesler bar?

2.Sözler nämäni aňladýar?

*Manysyny düşündirjek boluň.*

***köýnek***

* * *

**139-njy gönükme.** *Okaň we göçüriň.* ***Kim?*** *we* ***näme?*** diýen soraglara jogap bolýan sözleriň manysyna üns beriň.

Kim? -

Gözel. Aman. Ejem. Kakam. Daýzam. Mugallym. Okuwçy. Daýym.

Näme? —

Galam. Depder. Bal. Bag. Suw. Depe. Dag. Köçe.

| | |
|---|---|
| Daýy | daýza |

**140-njy gönükme.** Sözleri okaň. **Kim?** we **näme?** diýen

Türkmen Kultur.com

soraglara jogap bolýan sözleri nusgadaky ýaly edip ýazyň:

Daýzam, Nury, kagyz, kitap, Bahargül, maşyn, ellik, Ata, jogap, dostum, şahyr, dyrnak, käşir, terbiýeçi, telefon, Maral, guzy.

**Nusga:**

Kim? — Daýzam, ... Name? — Kagyz, ...

| |
|---|
| Adamyň adyny, onuň özüni aňladýan sözler kim? diýen soraga jogap bolýarlar. |
| Meselem: |
| Kim? — Gurban.<br>Kim? — Jeren.<br>Kim? — mugallym.<br>Kim? — traktorgy.<br>Kim? — daýhan. |

**141-nji gönükme.** Okaň, soňra **kim?** diýen soragy we oňa jogap bolýan sözleri göçürip alyň.

| | |
|---|---|
| Kim?— Maral. | Kim? — terbiýeçi. |
| Näme? — galam. | Kim? — Jeren. |
| Näme? — bag. | Kim? — daýhan. |
| Kim? — kosmonawt. | Name?—kosmos. |
| Näme? — telefon. | Kim?—Çopan. |
| Kim? — okuwçy. | Name? — radio. |

**142-nji gönükme.** *Suratlara seredip, soraglara dilden jogap beriň, soňra göçüriň.*

Türkmen...om



Bu kim?



Bu kim?



Bu kim? Bu....



Bu kim?



Bu kim? Bu .....

**143-nji gönükme.** Göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň nähili soraga jogap bolýandygyny aýdyň.

**Atam** gazet okaýar. **Jigim** surat çekýär. Meniň **agam** 10 ýaşynda.

Ol her gün irden **Bahary** çagalar bagyna eltip gelýär.

| *çagalar bagy* |
| --- |

**144-nji gönükme.** Okaň we kim? diýen soraga jogap bolýan sözleri depderiňize göçüriň.

Bu kim? Bu Ata. Bu kim? Bu işçi. Bu näme? Bu depder.

Bu kim? Bu okuwçy. Bu kim? Bu ussa. Bu näme? Bu mata.

Bu näme? Bu agaç. Bu näme? Bu deňiz. Bu näme? Bu parohod.

Bu näme? Bu balyk. Bu kim? Bu balykçy.

**Nusga.** *Bu kim? — Ata, işçi, ...*

* * *

**145-nji gönükme.** Soraglary we jogaplary okaň. Kim? diýen soraga jogap bolýan sözleri aýdyp beriň.

Kim gitdi? Aşyr gitdi.

Kim okaýar? Dursun okaýar.

Kim jorap örýär? Ejem jorap berýär.

Kim geldi? Daýym geldi.

Kim mal bakýar? çopan mal bakýar.

Kim aw awlaýar? Awçy aw awlaýar.

Kim balyk tutýar? Balykçy balyk tutýar.

Türkmen Kultur.com

**146-njy gönükme.** Okaň w has gara ýazylan sözleri göçüriň.

1. **Okuwcy** mekdebe barýar. 2. **Bagban** baglara seredýar. 3. Ussa aýakgap bejerýär. 4. **Oraz** obada işleýär. 5. Sona hat ýazýar. 6. Anna maşyn surýär

7. **Anna Iwanowna** rus dilinden okadýar.

*Göçüren sözleriňiz nähili soraga jogap bolýar?*

*Ussa bagban*

**147-nji gönükme.** Suratlara seredip, soraglara dilden jogap beriň.





Bu näme? Bu näme?



Bu näme?



Bu näme?



Bu näme?



Bu näme?





Bu näme?

Bu näme?

**Zatlary we haýwanlary aňladýan sözler näme? diýen soraga jogap bolýarlar.**

**Meselem:**

näme? — haly
näme? — kitap
näme? — galam
näme? — geçi
näme? —goýun
näme? — sygyr

**148-nji gönükme.** Okaň we näme? diýen soraga jogap bolýan sözleri aýdyp beriň.

Näme? — ellik.

Kim? — Sapar.

Kim? okuwgy.

Näme? — towuk.

Näme? — gapy.

Näme? — kelem.

Näme? — çäkmen.

Näme? — kitap.

Näme? — üzüm.

Näme? — mekdep.

Näme? — kanal.

Kim? — isçi.

Kim? — Gözel.

* * *

**149-njy gönükme.** Suratlar boýunça berlen soraglara jogap berip, depderiňize ýazyň.

1. Näme suw içýär?

2. Näme ot iýýär?





3. Näme gygyrýar?
4. çagalar näme oýnaýar?





**Nusga:** 1. Towuk suw içýär. 2. ...

**150-nji gönükme.** Nakyllary we matallary okaň. Has gara

ýazylan sözleriň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyp beriň.

## Nakyllar:

1. El eli ýuwar, iki el birigip, ýüzi ýuwar.

2. **Adam** eli — hem abat, hem bibat.

### Matallar:

1.Asty bag, üsti **dag**
Arasynda sary **ýag** (hoz).

2.Garaňky öýde **gaplaň** gürlär (degirmen).

3.Gündiz ýatar, gije uçar (ýarganat). *

* *

**151-nji gönükme.** Okaň, soňra **kim?** we **näme?** diýen

soraglara jogap bolýan sözleri nusgadaky ýaly aýry-aýry göçüriň.

Amanmyrat, Nurgözel, aýak, el, isçi, sogan, käşir, Meret, balykçy, kartoçka, molla,

käce, halyçy, telewizor, surat, Sapar, satyjy, ýegenim, agam, köýnek.

**Nusga:**

Kim? — Amanmyrat, ... Näme? — Aýak, ...

* * *

**152-nji gönükme.** Okaň, has gara ýazylan sözleriň

nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

TürkmenKultur.com

Türkmenistan biziň döwletimizdir. Türkmenistanda **nebit, gaz, pagta** köp öndürilýär.

**Kakam** pagta kärhanasynda işleýär. **Ejem** çagalar bagynda işleýär. Ol Terbiýeçi.

| | |
|---|---|
| ***Terbiýeçi*** | ***öndürmek*** |

Türkmen Kultur.com